# Aýzek Azimowdan hikmetli sözler

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Aýzek Azimowdan hikmetli sözler **AÝZEK AZIMOWDAN HIKMETLI SÖZLER**




Isaac Asimov
Taryhy proses şeýlebir derejä ýetdi, indi adamzada duşmanlyk etmek, ýowlaşmak mümkin däl. Ýerdäki adamlar hökman biri birleri bilen dostlaşmalydyrlar. Men şu garaýyşy eserlerimde aýratyn öňe sürýän…

***

Bolýar, adamlar biri birini halaman bilerler, ýöne olaryň arasyndaky ýigrenç duýgusyny hökman ýok etmeli.

***

Ylmy fantastika ähli adamlaryň birleşmegine kömek etjek esasy uguryň biri diýip ynanýan.

***

Biziň ylmy-fantastik eserlerde gozgaýan meselelerimiz bütin adamzadyň möhüm meseleleridir…

***

Her bir adam islän zadyna ynanybersin, ýöne hemmäniň bir zada mejbury ynandyrylmagyna garşydyryn.

***

Ylymda beýan edilen iň gowy söz ,,Ewrika» däl, “Ynha bu örän täsin”-dir.

***

Eger nahar süýji bolsa ol zyýanlydyr.

***

Jogapkärçilik – agyr iş däl.

***

Geljekde-de kitabyň ornuni hiç zat eýeläp bilmez, edil geçmişde hem eýelenmedigi ýaly.

***

Adamzat taryhyna düşünmek kyn. Kiçijik üýtgeşmeler beýik netijeleri getirip çykarmagy mümkin.

***

Beýik Ýaradyjy ählimizi söýýär, ýöne hiç birimizden haýran däl.

***

Gahary gelýän adamyň sögünjine gynanmaň. Eger, ol biraz rahatlanyp ýene sögünse onda gynanyp bilersiňiz.

***

Durmuşda birnäçe sowallara dogry jogap bermekden gyzykly iş barmyka?

***

Ulalanymyzda biz üýtgämizok, diňe ýaşymyz ulalýar we ýygyrtlarymyz köpelýär. Emma, muňa gynanyp oturasy iş ýok.

***

Eger lukman maňa bäş minut ömrüm galanyny aýtsa, howsala düşmän, tizräk bir zatlar ýazyp galmaga synanyşardym.

***

Kem diýeni, umuman ýok diýenden gowydyr.

***

Adamlar özlerini goňşularyndan gowyrak, medeniýetleri gadymy we beýik, başga ýerlere ýaýran iň gowy häsiýetler özlerinden geçen, ýamanlyklar bolsa başga ýurtlarda dörän, diýip hasaplamaga öwrenen.

***

Garramagy hem bilmek gerek. siz garradygyňyz saýyn mylaýymrak, adamlara mähirli boluň. Esasysy, töweregiňizdäkiler siziň durmuşda rahat ýaşaýandygyňyzy görsünler.

***

Söýgi babatynda özüňizi gynamaň. Ýönekeý ýol tutuň, ýagny söýýäniňize söýýändigiňizi aýdyň. Söýmek we söýülmek nähili gowy.

***

Jemgyýetiň başynda durjak robot döredilse, ol iň gowy syýasatçy bolardy. Robotehnika kanunyna görä, ol adamlara zyýan ýetirip bilmezdi, ýamanlyk we parahorlyk etmezdi. Ol garramazlygyny we ölmezligini bilse-de, öz wagtynda işden çykardy.

***

Ilki oýla, soň gürleme.

***

Seni kim diýip hasaplamaklary däl, sen özüňi kim diýip hasap etmegiň möhüm.

***

Ynam akyldan üstün.

***

Ýaşaýyş – ýitirimler zynjyrydyr. Ýaşlygyňy, ene-ataňy, dostlaryňy, saglygyňy we ahyrynda ýaşaýşyň özüni hem ýitirýäň.

***

Fantast ýazyjylar näme edýänlerini özleri hem anyk bilmeýärler, Olaryň köpçüligi öz döredijiligini gün-güzeranyny aýlamak üçin edýänini aýtsada, emma meniň üçin olar – nämälim we howply geljege bakmaga het edýän adamzat gözleridir.

Taýýarlan: Baýramgylyç SAPARGYLYJOW. Sözler